***Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen üstünlikli durmuşa geçirilýän, Watanymyzy hemmetaraplaýyn ösdürmäge, halkymyzyň abadançylygyny ýokarlandyrmaga, ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň möçberli işler rowaçlyklara beslenýär. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň üç gezek ykrar edilmegi munuň aýdyň güwäsidir.***

Ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky parahatçylykly, dostlukly we netijeli gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgesiniň ähmiýeti iňňän uludyr. Bu nukdaýnazardan, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, Halkara Bitaraplyk güni hem-de Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk ýubileýi mynasybetli 12-nji dekabrda paýtagtymyzda geçiriljek halkara forum hem döwletleriň arasynda hyzmatdaşlyk, parahatçylyk we ynanyşmak strategiýasyny işjeňleşdirmekde täze tapgyry açar. Gahryman Arkadagymyzyň öňde boljak şanly seneleri dabaralandyrmak boýunça guramaçylyk döwlet toparynyň mejlislerini geçirmegi bu forumyň äheň-ähmiýetine taryhy dereje berýär.

Häzirki wagtda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli ýurdumyzda we dünýä döwletlerinde birnäçe halkara çäreler yzygiderli geçirilýär. Şanly ýylymyzyň wekilçilikli forumy bolsa döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny dünýä ýaýmakda uly ähmiýete eýe bolar. Döwlet Baştutanymyzyň ýakynda gol çeken degişli Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine bu halkara forumyň guramaçylykly hem-de ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy. Şoňa görä-de, bu halkara çäräni hem-de baýramçylyk dabaralaryny ýokary derejede geçirmek üçin ähli tagallalar edilýär.

Halkara giňişlikde hoşniýetli gatnaşyklary, parahatçylyk söýüjilikli syýasaty dabaralandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Kakajan SÖÝÜNOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.12.2025